# Bagşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bagşy BAGŞY

Diñ saldyñyzmy siz, gije tokaýda
Söýgi bagşysyna, gam bagşysyna?
Säher ümsüm çagy saz ýagşysyna,
Tüýdükde ýañlanan hesretli beýde
Diñ saldyñyzmy?

Duş geldiñizmi siz, çola tokaýda
Söýgi bagşysyna, gam bagşysyna?
Ýa şat gülkä, ýa bir gözýaşlysyna,
Ýa gamly hem ümsüm nazara heý-de,
Duş geldiñizmi?

Dem aldyñyzmy siz ýuwaş ah çekip,
Söýgi bagşysyna, gam bagşysyna,
Çölde duşup bagşyñ iñ ýagşysyna,
Ýaş ýigidiñ öçgün nazarna bakyp,
Dem aldyñyzmy?

A. S. Puşkin

Terjime eden: Çary Aşyr Goşgular